Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

**DÜŞÜNDIRIŞLI SÖZLÜK**

**Adalatly** *(adalatly)* — hakykatçy, hakykadyň tarapdary, parasatly, paýhasly, dogruçyl.

**Agşamara** *(agşamara)* — günüň ỳaşan wagty, agşam düşen wagty.

**Arçyn** —oba geňeşiniň, daýhan birleşiginiň başlygy.

**Aỳaga galmak** — 1) sagalmak, keselden gutulmak; 2) bir işiň ugruna çykmak.

**Aýagaldygyna** — howlukmak, çalt yöremek.

**Aýawly saklamak** — gorap saklamak, zaýa etmän saklamak, goramak.

**Bagban** *(ba:gba:n)* — baglara seredýän adam.

**Berjaý etmek** *(berja:ý)* — ỳerine ỳetirmek, tabşyrylan ýumşy bitirmek.

**Borçnama** *(bo:rçna:ma)* — ỳerine ỳetirmek üçin ýazuw üsti bilen boỳun alnan wada.

**Bulut syrylmak** *(sy:rylmak)* — howanyň ỳüzündäki buludyň ayrylmagy.

**Çalgy** — uzyn saply gylyja meňzeş ot ýatyrylýan gural.

**Çaỳyr** — köki bajakly, gür gögerỳän haşal ot.

**Çebşek** — towşanyň çagasy.

**Çeşme** — ỳer astyndan, dag jülgelerinden joşup, syzyp çykỳan suw.

**Çitmek** — çitip dokamak.

**Çyrpy** — hemme ỳeri keşdelenen, kellä atylỳan aỳal geýimi.

**Dabara** — bir şatlykly waka sebäpli geçirilỳän baýramçylyk, toỳ.

**Darykmak** *(darykmak)* — ỳüregiňi gysdyrmak, gaýgylanmak, gysynmak.

**Datly** *(da:tly)* — gowy, süỳji tagamly; ỳakymly, lezzetli, eşretli.

**Demikmek** bir sebäbe görä demiňi kynlyk bilen almak, bogulmak.

**Egismek** — azaltmak, möçberini kemeltmek.

**Eklenmek** — öz günüňi, oňşugyňy görmek, özňni oňarmak.

Turkmenkultur.com

**Elçalgyç** — süpürinmek üçin ulanylýan insizräk zolak mata, polotense.

**Älem** — jahan (a:lem)-bütin dünýä, ähli ỳer ỳüzi, ỳeriň hemme tarapy.

**Ätiỳaç etmek** *(ä:tiỳa:ç)* — goranmak, çekinmek, üỳşenmek.

**Gala** *(gala:)* — düşmandan goranmak üçin palçykdan, daşdan we ş. m. salynýan beýik diwarly howly, berkitme.

**Galkynyş** — ruhlanma, ruhuň göterilme; birneme gurplanma.

**Gary** - 1) goỳun, geçi ỳaly mallaryň dyzy bilen toỳnagynyň aralygy, injik; 2) ỳarym gulaja barabar ölçeg birligi.

**Garyndaş** — asly bir ene-atadan önüp-ösen adamlar, hossar.

**Gaýduwsyz söweşmek** - - batyrlyk bilen uruşmak, janyň-teniň bilen bir işiň hötdesinden gelmek üçin çalyşmak.

**Gez** — tirsekden barmagyň ujuna çenli bolan uzynlyk birligi.

**Gowa** — guyudan suw çekmek üçin ulanylỳan gap.

**Göwne degmek** — *närazy* etmek, öỳkeletmek, ynjytmak.

**Göwün açmak** — gam-gussany, gaýgy-gamy taşlamak, şatlanmak.

**Guduramak** *(gu:duramak)* — 1) örän begenmek, çakdanaşa guwanmak; 2) ýakymsyzlyk etmek, *bezzatlyk* etmek.

**Gulaç** — iki goluňy giň gereniňdäki uzynlyk.

**Gutlag** — üstünligi gutlap aýdylỳan sözler.

**Gurluşykçy** — jaý gurmak bileri meşgul bolỳan adam.

**Guwanç** — bir zada bolan begenç, şatlyk.

**Güỳe** — ỳüňe, bagana we ỳüňden edilen zada düşünỳän kiçijik möjejik.

**Hat gatnadỳan** — hatlary, gazetleri degişli ỳerlerine gowşurýan işgär (poçtalyon).

**Hazyna** *(hazy:na)* 1) döwlet emlägi we onun saklanỳan jaỳy; 2) mal-mülk, baylyk, pul.

**Hoşallyk bildirmek** *(hoşallyk)* - - göwnüň hoş bolanda birine bildirilỳän minnetdarlyk.

**Howut** — düỳäniň arkasyna salynýan hatarly ehjam.

Turkmenkultur.com

**Ige** *(ige)* — pil, palta, pyçak ỳaly gurallary ýiteltmek üçin ulanylỳan ỳüzi ownuk hem iri dişli polat esbap.

**Ilkagşam** — gün ỳaşandan az salym soňky wagt, garanky gatlyşan wagty.

**Jigi** — özüňden kiçi doganyň.

**Jikjiki** — serçeler toparyndan bolan kiçijik guş.

**Jokrama** — örän yssy, gaty yssy.

**Kanun** *(ka:nu:n)* — jemgyýetiň pudaklaryňy tertip-düzgüne salmak üçin döwlet tarapyndan çykarylỳan kada, karar, düzgün.

**Keşde gaýamak** — bir zada keşde çekmek, keşde salmak.

**Kärhana** *(kärhana)* — önümçilik işi bilen meşgul bolỳan edara.

**Kök almak** — düỳp tutmak, kök ýaýratmak.

**Lälezar** *(lälezar)* — otluk we gülçülik ýer.

**Lukman** *(lukman)* — kesel bejeriji ýokary hünärli adam (doktor).

**Mandy** — ýer sürlende sürülỳän galan bölejik ýer.

**Matal ýormak** — matalyň jogabyny tapmak.

**Medeniỳet öỳi** — medeni işleriň köpçülikleyin geçirilỳän jaýy (klub, zal).

**Mähir** — rehimdarlyk duýgusy, yhlas bilen edilỳän ỳürek söỳgüsi.

**Nebis** — köp zada eýe boljak bolmak islegi.

**Nur saçmak** *(nu:r)* — ýagtylandyrmak ýagty bermek, şöhle ýaýratmak.

**Otaga** — gyzlaryň tahỳasynyň gupbasyna berkidilỳän per, bezeg.

**Owuz süỳdi** — ýaňy, täze guzlan malyň ilkinji süỳdi.

**Öjükmek** *(ö:jükmek)* — birine bolan gaharyň artmak, güỳjemek.

**Örmek** *(örmek)* — bir zady emele getirmegiň, gurmagyň

Başlangyjy, esasy.

**Öri meýdany** *(ö:ri)* - - mal bakylýan otluk meỳdan.

Turkmenkultur.com

**Pazyl** *(pa:zyl)* bakja ekinleriniň (gawun, garpyz, kädi) gögerenden soň gol atyp ỳatỳan biỳarasy.

**Pellehana** — ỳaryşda iň soňky barylmaly ỳer.

**Penjire** — äpişge.

**Perwaýsyz garamak** *(perwaýsyz)* — sowuk-sala, parhsyz garamak.

**Petremek** — hanasyndan çykjak ỳaly mölermek (göz hakda).

**Rähnet** — eşret, lezzet, maza.

**Rowac bolmak** *(rowa:ç)* şowly bolmak, oňaýly bolmak, ugruna bolmak.

**Sehet** — içine zat salmak maksady bilen çybykdan örülỳän gap.

**Senet** — hünär, kär.

**Sowgat** — birine sylag üçin berilỳän zat.

**Suwa ỳakmak** — suw içirmek, suwdan gandyrmak.

**Suratçy** — surat çekmek, surata almak bilen meşgul bolýan kişi, adam.

**Şekil** — bir zadyň daşky görnüşi, suraty.

**Şäherçe** — säher tipindäki ýasalýan ýer (posýolok)..

**Terbiýeçi** — çagalara, adamlara edep berýan, ỳagşy zatlary öwredỳän adam.

**Toỳun** — çägesöw bolmadyk toprak, şykgy.

**Türgenleşdiriji** — hünäri öwrediji, kämilleşdiriji (trener).

**Ynsan** *(ynsa:n)* — adam.

**Ýagşylyk** — ỳürekden edilýän peýdaly kömek.

**Ýowar** — biriniň hojalyk işine kömek üçin köpçülik bolup meýletin işlemek.

**Yüregi küỳsemek** — bir zady islemek, göresi gelmek.

**Ýolhaty**— belli bir ýere iberilýän *adama* berilỳän şahadatnama (putýowka).

**Ýanjyk** *(ýanjyk)* gaỳyşdan we ş.m. edilýän, içine kitap, depder salynýan dört burçly gap (portfel).

Turkmenkultur.com